# Bir bakyşda Orsyýetiñ nukdaýnazaryndan Türkiýedäki saýlawlar we netijeleri

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bir bakyşda Orsyýetiñ nukdaýnazaryndan Türkiýedäki saýlawlar we netijeleri

BIR BAKYŞDA ORSYÝETIÑ NUKDAÝNAZARYNDAN TÜRKIÝEDÄKI SAÝLAWLAR WE NETIJELERI




*Ors habar beriş serişdeleri we ylmy jemgyýetçiligi Türkiýedäki saýlawlar bilen ýakyndan gyzyklandy.*
Türkiýe 2023-nji ýylyñ 14-nji maýynda prezident saýlawlaryny geçirdi. Emma kandidatlardan hiç biri 50%-e ýetip bilmändigi üçin saýlaw ikinji tapgyra gakdy. Bu proses ýurduñ içinde-de, halkara arenada-da ýakyndan yzarlandy.
Prezident saýlawlarynda Kemal Kylyçdaroglunyñ üstün çykma, Rejep Taýýip Erdoganyñ ýeñilme ähtimallyklarynyñ üstünde pikir alşyldy. Ýewropa we amerikan habar beriş serişdelerinde orta atylanlar türk jemgyýetçiligininiñem dykgatyna ýetirildi.
Saýlaw döwründe öñe çykan we içerki-daşarky jemgyýetçilikde jedelleşilen meseleleriñ başyny Kylyçdaroglynyñ Orsyýete garşy gönükdiren sözleri boldy.

*«Gadyrly ors dostlarymyz, düýn ýurdumyzda orta atylan*

*montažlaryñ, pyrryldaklaryñ, dipfeýk bloglaryñ, kassetalaryñ añyrsynda siziñ bardygyñyzy bilýäris. Eger 15-nji maýdan soñ dostlugymyzyñ dowam etmegini isleýän bolsañyz, eliñizi türk döwletinden çekiñ. Biz henizem hyzmatdaşlygyñ we dostlugyñ tarapdary.*
*— Kemal Kylyçdarogly. (@kilicdarogluk)*
*Maý 11, 2023.»*

Bu aýyplamalar bilen ors habar serişdeleri we ylmy jemgyýetçiligi ýakyndan gyzyklandy. Bu ýazgyda ors jemgyýetçiliginiñ, aýratynam Kylyçdaroglynyñ aýyplamalaryna garşy bildiren nägileliginiñ we Erdoganyñ ýeñiş gazanmagynyñ yzyndan garaşýan tamalarynyñ üstünde durup geçmäge synanyşdyk.
Çünki ors mediýasy: gazetleri, teleýaýlymlary we internet-habar saýtlary Türkiýe saýlaw döwrüne giren wagtyndan başlap prosesi uly üns bilen yzarlady.
Prezident Erdoganyñ täzeden saýlanmadyk ýagdaýynda ors-türk gatnaşyklarynda düýpli üýtgeşmeleriñ boljagy hakda «howatyrlanmalar» agzalyp geçildi.
Şunuñ bilen baglanyşyklylykda Kylyçdaroglynyñ prezident saýlanma ähtimallygyna Orsyýetiñ daşary syýasatynyñ bähbitlerine gönükdirilen potensial «howp» hökmünde garaldy.
Çünki Erdoganyñ bäsdeşiniñ saýlawdan öñki çykyşlarynda «tarapsyzlykdan» has beter ors garşydaşlygyna gyşarandygy hakda köp analizler edildi.
Şol analizleriñ biri bir asyrdan gowrak wagt bäri işläp gelýän «TACC» habarlar agentliginde giñişleýin ýer aldy. Kylyçdaroglynyñ kampaniýa wadalarynyñ baha berilen ýazgysynda «Millet» ýaranlygynyñ kandidatynyñ 2023-nji ýylyñ 9-njy maýynda «The Wall Street Journal»-a beren interwýusynda Orsyýete garşy sanksiýalar girizip biljekdigini nygtamagynyñ aýratyn üstünde durlup geçilipdir.
Birmeñzeş terzde ors hökümetiniñ resmi habar beriş serişdesi «Российская Газета»-da Kylyçdaroglynyñ saýlanma ähtimallygy hakda «Orsyýete Türkiýäniñ NATO guramasynyñ agzasydygyny ýatlatmakçy bolýandygyny, munuñam Moskwa bilen Ankaranyñ arasyndaky gatnaşyklarda has ätiýaçly bolmalydygy manysyna

gelýändigi» nygtalýar.
Emma bu ýagdaýda howatyrlanmalar aç-açan agzalmak bilen birlikde, ýokarda ady tutulan gazetdäki interwýusynda Kremliň press-sekretary Dmitriý Peskow «Moskwanyň türk halkynyň saýlawlarda geljek islendik netijesine hormat goýuljagyny», ýöne Ankara bilen hyzmatdaşlygy mundan beýlägem has giňeldip dowam etdirmek isleýändiklerini aýtmakdan gaýra durmaýar.



*Peskowyň interwýusyna ýer berilen «Российская Газета»-da «Erdoganyň syýasy ugrunyň Türkiýede has populýardygy» nygtalýar. / Fotosurat: EPA*

Birinji tapgyryň netijesi prezident Erdoganyň üstün çykmaga bolan ýakynlygy Orsyýetiň bildirýän aladasyny ýeňleden ýaly etdi.
Netije boýunça birinji beýanat Federasiýa Geňeşiniň Daşary işler komitetiniň başlygynyň orunbasary Wladimir Jabarowdan geldi.
Ol ikinji tapgyrda türk ýolbaşçysynyň ýeňişine yşarat eden «TACC»-daky beýanatynda şeýle diýýär:
«Erdoganyň bize öňdenem tanyşlygy we döwlet ýolbaşçysynyň telim gezek nygtaýşy ýaly gep-sözüni aýlap-dolap durmaýanlygy günortadaky goňşymyz bilen belli bir derejede durnuklylygy üpjün etjekdigimizi görkezýär. Gatnaşyklaryň durnukly we ikitaraplaýyn peýda berjek görnüşde dowam etjekdigine ynanýaryn».
Ahyrsoňy Jabarowyňam yşarat edişi ýaly Erdoganyň täzeden prezident saýlanmagy ors jemgyýetçiliginde duýlan howatyrlanmalar öz ýerini hoşniýetli makullamalara berdi.

Şeýlelik bilen iki tapgyryň netijeleriniň umuman alanda oňyn garşylanandygyny bilse bolýar. Habar beriş serişdelerinde çykan onlarça habardan we düşündirişden uly ynjalmanyň bardygy duýulýar.
Netijeleriň mälim edilmeginiň yzysüre Orsyýetiň Daşary işler ministrliginiň press-sekretary Mariýa Zaharowanyň Kylyçdaroglynyň saýlawlara dahyllylykda «orslaryň eli bar» diýip beren beýanatyna beren jogabynda Orsyýetiň başga ýurtlaryň içerki işlerine goşulmak ýaly niýetiniň ýokdugy nygtalýar.

- **Üns çeken Hakan Fidan we Mehmet Şimşek ýanjamasy**

Türkiýedäki syýasy üýtgeşmeleri ädimme-ädim yzarlaýan ors mediýasynyň Erdoganyň kasam kabul ediş dabarasy we täze hökümet düzümini mälim etmegi boýunça bildirýän aladasy ünsden sypanok.
Hökümet düzümini düzme işlerine ünsüni gönükdiren «Российская Газета» geçen gezekki Ministrler Kabinetinde işlän 17 ministrden bary-ýogy ikisiniň wezipesinde galandygyny belläp geçdi.
Gazetiň hökümet düzümine jikme-jik baha berişi we aýratynam iki ministr hakda aýratyn bahasy ünsüňi çekýär. Ors syýasatşynaslaryň pikiriçe iň gyzykly ýeri Hakan Fidan bilen Mehmet Şimşegiň bellenmeleridi. Täze wezipä bellenşikleriň çäginde Daşary işler ministri edilip Howpsuzlyk gullugynyň öňki başlygy Hakan Fidanyň, Maliýe ministri wezipesine-de öň şu wezipede işlän we bank ulgamyndaky bitiren işleri hem-de daşary ýurtly maýadarlar bilen gatnaşygy ýola goýmakdaky işbaşarjaňlygy bilen tanalan Mehmet Şimşegiň bellendigi barada berlen analizler bar.




*Fotosurat: Reuters*

Türkiýäniñ Ministrler Kabinetiniñ täze düzümi hakdaky ýene bir analiz Orsyýetiñ iñ täsirli gazetlerinden «Известия» degişli.

«Erdoganyñ ýörite kabineti: Türkiýäniñ täze hökümetinde günbatarçy ministrler bar» makalasynda ors syýasatşynaslary Alina Sbitnewa, Wladimir Atakow dagy bellenen ministrleriñ arasynda kürtleriñ köpdügine we «täze kabinetdäki beýleki ministrleriñ her biriniñ bir günbatarly döwletde okandygyna» ünsi çekýär.

Şol bir wagtyñ özünde täze kabinetde belli bir derejede «Günbatarçy kompozisiýa» bardygyna garamazdan syýasatşynaslar Akguýy we gaz merkezi ýaly uly taslamalar bilen bir hatarda Türkiýe bilen Orsyýetiñ arasyndaky häzir hereket edýän şertnamalaryñ öz güýjünde galmagyna garaşylýar.

Şeýle-de, Mehmet Şimşegiñ bellenmesiniñ beýleki hususlarynyñ ýany bilen türk ykdysadyýetini janlandyrmagyna we daşary ýurtly maýa goýumçylary aktiw işe çekmegine garaşylýar.



*«Известия»-daky analizde täze kabinetiñ «Günbataryñ tarapdarydygy» aýratyn nygtalypdy. / Fotosurat Reuters*

Ýokarda ady agzalan syýasatşynaslaryñ pikiriçe «Günbatara dolanyp barmak» diñe ykdysady ugurda bolup geçer, beýleki

ugurlarda Türkiýe Erdoganyň kasam kabul ediş dabarasyndaky sözlän sözünde aýdyşy ýaly, öz bähbitlerini öňe sürmegini dowam etdirer.
Ykdysady ugurda Günbatar bilen täze döwrüň başlajagy hakda teswieler berlenem bolsa, daşary syýasatda «öz bilenini etmesi» näderejede hakykata gabat gelşini garaşyp görmeli bolar!

- **Täze döwür: Çaklamalar we umytlar**

Saýlaw döwründäki nämälimlik we täze hökümet hakdaky analizleriň yzyndan gazet sahypalarynda umyt bildirýän syýasatçyşynaslaryň pikirlerine ýer berilýär. Ors mediýasynda Orsyýet bilen Türkiýäniň arasyndaky gatnaşyklaryň hasam ösdürilmegine bildirilen umytlara seredilende, status-kwonyň goralmagyna gönükdirilen jedelleriň üstünde durup geçmek gerek.
Eýýäm 28-nji maýda «Российская Газета» baş redaktory Fýodor Lukýanowyň «Orsyýetiň global syýasaty» makalasyny çap etdi.
«Orsyýet we Türkiýe kyn şertlerde bilelikdeligi saklamagyny dowam etdirýär» makalasynda Erdoganyň ýeňşiniň Orsyýet üçun näme sebäpli Kylyçdaroglynyň saýlanmagyndan has gowudygynyň jedeli edilýär.
Lukýanow Türkiýe bilen Orsyýetiň köp ugurda biri-birine ters düşýän dürli pozisiýalarynyň bardygyny, ýöne Erdoganyň täze saýlanmagynyň Orsyýet bilen Türkiýäniň arasyndaky öň ýola goýlan gatbaşyklaryň öňküligine galmagyna kepillik berýändigini nygtaýar.
Şol bir wagtyň özünde oppozision blogyň ýolbaşçysynyň saýlanaýan ýagdaýynda ors-türk gatnaşyklaryny düýpli üýtgedip bilmejekdigini, ýöne Kylyçdaroglynyň Ankaranyň NATO-dyr ÝB bilen gatnaşyklaryň täzeden ýola goýmagyň gerekdigi hakdaky pikirleriniň iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary kynlaşdyrjakdygyny öňe sürýär.



*Lukýanow Erdoganyň täzeden saýlanmagy bilen Orsyýet bilen Türkiýäniň kyn meselelerde bilelikdeligi saklap galjakdygyny nygtaýar / Fotosurat: EYEPRES*

- **Jemleme ýerine**

Saýlawyň öňinçäsi orta atylan pikirleriň tersine ors ygtyýarlylary biragyzdan diýen saýlawlaryň adalatly geçendigini nygtaýar.
Orsyýetiň hiç bir ýagdaýda häkimiýet blogyny maliýeleşdirmändigi, hatda oppozisiýany tankyt etmekden hem gaça duryýandygy aýdylýar. Munuň tersine ors tarapynda Günbataryň Türkiýedäki saýlawlara her dürli ýollar bilen burnuny sokýandygy hakda umumy pikir bar.
Emma saýlawlaryň öňinçäsi ors tarapynyň oppozisiýanyň kandidatyna garşy eger ol saýlanaýsa, daşarky syýasatda ugruny üýtgetjekdigine bolan howatyrlanmasy bardy.
Hiç hili gizläp oturmaga hajat duýmaýan umytlary bolsa, Erdoganyň üstün çykmagy we ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň öňküsi ýaly dowam etmegidi.
Saýlawlar geçen badyna Putiniň Erdogany gutlamagy garaşylýanlaryň amala aşandygynyň görkezijisi boldy.
Şonuň üçinem ors internet saýtlarynyň biri «Newsweek»-iň «Putin Türkiýe saýlawlarynda ýeňiş gazandy» teswirinden ugur alyp «Türkiýedäki saýlawlarda Orsyýet ýeňdi» rubrikasyny atdy.
Bar güýjüni toplap oppozisiýanyň liderini goldandygyna garamazdan Günbataryň saýlawdan gutarnykly ýeňliş bilen çykandygyna yşarat edilýär.
Türkiýedäki saýlawlara belli bir derejede Günbatar blogy bilen Orsyýetiň arasynda geçen göreş hökmünde garaldy.



Dr. Nadežda TIHONOWA,
garaşsyz ylmy barlagçy.
nadezhdatikhonova@yahoo.com
Abdulazim ŞIMŞEK,
Sankt-Peterburg, Politehniki uniwersitetiniñ mugallymy.
abdulazimsimsek@gmail.com

Çarşenbe, 14.06.2023 ý. Publisistika